# Bir kişige söýle sözi, kim manydan habary bar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir kişige söýle sözi, kim manydan habary bar…



Bir kişige söýle sözi, kim manydan habary bar,
Bir kişiýe bergil köňül, janynda yşk eseri bar.
Şonuň kim daşy hoş durar, bil, kim içi boş durar,
Tün-gün öten baýguş durar, sanma bütin diwary bar.

Bir dewlengiç ýuwa ýapar, ýörer ilden ýawry gapar,
Dogan eliýinden sypar, zire elinde murdary bar.

Ýokdur dogan-le birligi, ýa Haka laýyk diriligi,
Şol kişiden um ärligi, onuň sapa nazary bar.

Surat ile çohdur adam, degmesinde ýokdur gadam,
Owwal-ahyr ol pişgadam bir Muhammet serweri bar.

Erenler ýoludyr meşe, meşe golaýdyr kolmaşa,
Meşe olan ýerde peşe, haramy çoh, antary bar.

Şyh-u, danyşmend-u weli, jümlesi birdir, er, ýoly,
Ýunusdyr derwüşler guly, Tapdyk kibi serweri bar. Goşgular